# Başlyk aga, bagyşla / intermediýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Başlyk aga, bagyşla / intermediýa

BAŞLYK AGA, BAGYŞLA

(A.Çehowa öýkünme)

– Başlyk aga jan, mümkinmidir?!
– Mümkindir.
– Başlyk aga, meň bilen deň bolmaweriň.
– Hä, näme boldy?
– Ýanyňyza ýörite ötünç soramaga geldim.
– Näme boldy diýýän-how?!
– Öten agşam, daňa golaý…
– Kolhozyň samanyny ogurladyňmy?
– Ýok.
– Onda näme ogurladyň?
– Ogurlan zadym-a ýok, ýöne…
– Hä, o nämäň "ýönesi"?
– Düýşümde bilmän kölegäňizi basaýypdyryn, edil garnyňyzyň üstünden.
– Näme edäýipdirin?
– Walla, başlyk aga jan, gatyrganmasaňyzlaň. Bilmän atanlykda basaýypdyryn.
– Nämäni basdyň?
– Garnyňyzy. Kölegäňiziň garnyny, nemedipdirindär-aý…
– Menlik başga işiňiz barmy?
– Başlyk jan, gatyrganmasaňyzlaň.
– Gatyrganamok-how, başyňa-gözüňe döneýin. Bar gitsene, öňem işim başymdan agdyk.
– Dogrymy aýdýan başlyk. Sögüp zad-a etmedim.
– (Gaharly). Sen maňa gün berjekmi ýa-da ýok?

– Ýýak, başlyk aga, ömrümizde bir etmesi iş etdik welin, käýinmeseñizläñ.
– Sen meñ ýakamy goýberjekmi ýa-da ýok?
– Men ýakañyzdan tutmadym, öwülýä kessin, dogrymy aýdýan. Diñe kölegäñ garnyndan basdym.
– (Has gaharlanýar). Ah-ow, bendäñ çagasy, men senden bizar boldum, bar gitsene…
– Günämi geçiñ başlyk. Indi beýle zada ýol bermen.
– Sen meni halys ýykdyñ-la-how…
– Sizi ýykan men däl, orunbasaryñ ýykdy. Men ýöne bilmän garnyñyzdan basypdyryn, kölegäñiziñ garnyndan.
– Ugra şu ýerden, gözüme görünme… (çirkin gygyrýar).
– Baý başlygymyzam hyrsyz bolupdyr-aý. Sähel zat üçin gygyryp dur. Men seniñ garnyñdan basamok, how, kölegäñ garnyndan basdym. Aý, gowusy, aýalyna ýalbaraýyn-la. Garagy çykan ýaly şoñ diýenini-hä eder-dä (çykyp gidýär).

Täçmämmet JÜRDEKOW.

Satiriki hekaýalar